# Dynç alyş güni

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dynç alyş güni DYNÇ ALYŞ IŞI

Göterlip göwün yşkymyz,
Dostlar bolup üýşdük-de biz,
Dynç alşa seýle ýöredik,
“Äpberip” ähli işimiz.

Bardyk bagly dag teýine,
Akar çeşmäniň boýuna
Görsek, meýdanyň harlygy,
Geljek däl ynsan oýuna.

Uruşdan soňky görnüş dek.
Zir-zibil doly töwerek.
Tebigata duşman leşger,
Jeň turuzan bolsa gerek.

Agaç şahalary döwlen,
Ot basgylanan, ýer köwlen.
Ýesir alnan boş çüýşeleň,
Daşlaşykda işi görlen.

Işden gaçypdyk, iş tapdyk,
Zir-zibili toplap ýakdyk.
Gyrlan çüýşeleň döwügin,
Gömüp, ýada-ap öýe gaýtdyk.

2020 ý. Goşgular